# Ýetimlik

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýetimlik ÝETIMLIK



Ata gitdi, ene gitdi dünýäden,
Ogullarna gözýaşlaryn dökdürip.
Ýetimler yzynda delminip galdy,
Görenleri tomaşagär bakdyryp.
Durmuşyň ajysy-ýiti neşderi
Geçe-geçe synasyndan-teninden,
Ýykylyp-sürüşip adam boldular,
Aslyşyp gitdiler Wagtyň synyndan.

Ýaşlykda geleňsiz-gyýa sereden
Ykbal indi dogry bakdy olara.
Ýetimler bir-birin söýäp ulaldy,
Öýli-işikli bolup gitdi ileri.

Indi gep çekmedi ýedi ýatlardan,
Märekede başlaryny dik tutdy.

Ýetimlikde agyr günler sowuldy,
Göräýmäge geçmişlerin unutdy.

Ýöne, Ýetimligiň tagna-täsiri,
Olaň ýüreginde ýara goýupdy.
Durmuş göwün islegiňe laýyk däl,
Olar muny bara-bara duýupdy.

Diýipdirler "teni başga dert bilmez",
Dertli öz derdine awunýan eken.
Säginmeli bolsa uly ýollarda,
Hemme däl, öz göwräň säginýän eken.

Söýenip ýaşasaň özge birine,
Ähmiýetsiz bolup galýar öz göwräň.
Seniň pikirleňde pitiwa bolmaz,
Diňe boşluk bolar töwerek-degräñ.

Doganlar durmuşy erte añdylar,
Ýöräp akyn-çukun ýodalarynda.
Ýaşaýyş kelebin çöşleýärkäler
Ýaş göründi olañ didelerinde.

Emma, ejizligiň peýdasyzlygyn
Olar ir bildiler, ir düşündiler.
Agyr günleň yzasyny unutman,
Ýaşap ýörler.
Rahatlykda şindiler.

Çaýkanyp dur jaý burçunda sallançak,
Öýüň içi doly "jykyr-jykyrdan".
Ozalky ýetimler indi sözlese,
Ondan biri ybaratdy "şükürden".

Şyhymyrat Abdyllaýew. Goşgular